Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň 2026-njy ýylyň
31-nji martynda çykaran 61-Ö
belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

# Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň döwlet kadastryny işläp taýýarlamagyň we ýöretmegiň tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň döwlet kadastryny işläp taýýarlaýarlamagyň we ýöretmegiň tertibi (mundan beýläk - Tertip) "Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk - Kanun) 16-njy maddasynyň birinji böleginiň 9-njy bendine laýyklykda işlenip taýýarlandy.

2. Şu Tertip aýratyn goralýan tebigy ýerleriň (mundan beýläk - Goraghana) döwlet kadastryny ýöretmeginiň tertibini kesgitleýär.

3. Şu Tertibiň maksatlary üçin Kanunda ulanylan düşünjeler ulanylýar.

4. Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň döwlet kadastry (mundan beýläk – Döwlet kadastry) Goraghanalaryň hukuk statusy, geografik ýagdaýy, ekologik, ylmy, ykdysady, aň-bilim, medeni we beýleki gymmatlyklarynyň san we hil häsiýetnamalary hakynda maglumatlaryň jemidir.

## II bap. Döwlet kadastrynyň maksady, Döwlet kadastryny ýöretmegiň ýörelgeleri we Döwlet kadastrynyň obýektleri

5.Döwlet kadastry şu aşakdaky maksatlar bilen ýöredilýär:

1) Goraghanalaryň ulgamynyň ýagdaýyna baha bermek;

2) Goraghanalary ösdürmegiň geljegini kesgitlemek;

3) Goraghanalaryň goragyny guramak;

4) Goraghanalarda ylmy barlaglary rejeli geçirmek we meýilleşdirmek;

5) durmuş-ykdysady ösüşiň wezipeleri çözülende olary hasaba almak üçin kadastrdaky bar bolan ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary we öz-özüňi dolandyryş edaralaryny, gyzyklanýan

kärhanalary, edaralary we guramalary maglumatlar bilen üpjün etmek.

6. Döwlet kadastryny ýöretmegiň ýörelgeleri:

1) Goraghanalar barada bitewi maglumat çeşmesini döretmek we saklamak;

2) tebigatyň ýagdaýyny yzygiderli gözegçilik etmek (ekologiýa gözegçiligi), şol sanda "Tebigatyň ýyl ýazgysyny" ýöretmek;

3) biodürlüligi gorap saklamak we tebigy prosesleri öwrenmek üçin hökmany ylmy barlaglar;

4) gorag we ykdysady iş tertibi;

5) gidrologik ýagdaýa täsir edýän ykdysady işleriň gadagan edilmegi: aw awlamak, balyk tutmak, agaç çapmak, mal bakmak, kömelekleri/miweleleri/ir-iýmişleri ýygmak, pestisidleri ulanmak, magdan gazyp almak we gurluşyk işleri berk gadagan edilýär;

6) Goraghanalaryň çägine barmak diňe ygtyýarly edara tarapyndan berlen ýörite rugsat bolanda mümkin;

7) ýangynlaryň öňüni almak we öçürmek çäreleri, arassaçylyk agaç çapmak (zerur bolsa).

7. Döwlet kadastryny ýöretmegiň obýektlerine aşakdakylar girýär:

1) döwlet tebigy goraghanalary;

2) döwlet biosfera goraghanalary;

3) milli tebigy seýilgähler;

4) döwlet tebigy çäkli goraghanalar;

5) döwlet tebigy ýadygärlikler;

6) sagaldyş maksatly tebigy ýerler;

7) döwlet botanika baglary;

8) döwlet zoologiýa seýilgähleri.

8. Döwlet kadastryna Türkmenistanyň aýratyn goralýan ýerleriniň hukuk ýagdaýy, olaryň ýerleşýän ýeri, ölçegi we çäkleri, geografik koordinatlary, döwlet tebigy goraghana gaznasynyň obýektleriniň mukdary we hil häsiýetnamalary, olaryň ekologiýa, ylmy, taryhy, medeni we dynç alyş gymmaty, gorag düzgünleriniň görnüşleri, maksatly ulanylyşy we rugsat berilýän ykdysady işler barada maglumatlar girizilýär.

9. Döwlet kadastry Goraghanalar tarapyndan berilýän maglumatlar esasynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi (mundan beýläk - ygtyýarly edara) tarapyndan ýöredilýär.

## III bap. Döwlet kadastrynyň mazmuny ýöretmegiň tertibi

10. Döwlet kadastrynda Goraghanalaryň döwlet kadastr kitaby we kadastr işi bolmaly.

11. Her bir Goraghana üçin Döwlet kadastry aýratynlykda taýýarlanmaly we aşakdakylary öz içine alýar:

1) Goraghana döretmek barada Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiň karary;

2) Goraghananyň Düzgünnamasy;

3) Goraghanany döretmek ýa-da giňeltmek üçin tebigy-ylmy we tehniki-ykdysady esaslandyrma;

4) Goraghanany döretmek ýa-da giňeltmek üçin tebigy-ylmy we tehniki-ykdysady esaslandyrma boýunça döwlet ekologiýa seljermesiniň oňyn netijesi;

5) ygtyýarly edaranyň haýyşy boýunça berlen goralýan ýeri tebigy baýlyklaryň (ýer, suw, tokaý, haýwanat dünýäsi, peýdaly gazylyp alynýan ýerler we peýdaly gazylyp alynýan ýerleriň ýüze çykmagy) döwlet kadastrlaryna goşmak barada ygtyýarly döwlet edaralaryndan maglumatlar;

6) berlen goralýan ýeriň çäginde kesgitlenen döwlet tebigy goraghana gaznasynyň obýektleriniň sanawy.

12. Döwlet kadastr kitabyna her welaýat üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ähli goragly ýerleriň sanawy aýratynlykda berilýär, olaryň gorag düzgüniniň görnüşi, şeýle hem Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da welaýat (döwlet ähmiýetli şäher, paýtagt) ýerine ýetiriji edaralarynyň goragly ýerleri döretmek baradaky karary görkezilýär.

13. Döwlet kadastr kitabyna girizilen her bir goragly ýere kadastr belgisi berilýär. Bu belgi degişli goragly ýer üçin berlen kadastr sahypasyna (faýlyna) hem görkezýär.

14. Döwlet kadastry maglumatlary ýygnamak, işläp düzmek we saklamak üçin elektron ulgamlary ulanmak arkaly elektron göterijilerde hem alnyp barylýar.

15. Kadastr sahypasyny (faýlyny) taýýarlamak bilen birlikde maglumatlaryň işlenip düzülmegi we döwlet kadastryna girizilmegi ygtyýarly edara tarapyndan üpjün edilýär.

## IV bap. Döwlet kadastryny ýöretmegiň tertibi

16. Döwlet kadastrynyň ýöredilmegi ýeke-täk usulyýet boýunça şu Tertibe laýyklykda amala aşyrylýar we aýratyn goralýan tebigy ýerleriň

maglumatlaryny özünde jemleýär.

17. Ygtyýarly edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen döwlet kadastryny ýöredýän jogapkär hünärmen bellenýär. Ol döwlet kadastr maglumatlaryna birugsat ygtyýarlyk edilmezligini üpjün etmelidir we kadastr maglumatlarynyň galplaşdyrylmagyndan, ýoýulmagyndan we düzüminiň birugsat üýtgedilmeginden goramak boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

18. Döwlet kadastry yzygiderlilik boýunça sanlar bilen belgilenip, ýazgylaryň arasynda boş setirler goýmazdan ýöredilýär. Döwlet kadastrynyň sahypalary belgilenen, dikilen görnüşde bolup, onuň soňky sahypasynda döwlet kadastrynyň näçe sahypadan ybaratdygy barada bellik edilip, ygtyýarly edaranyň ýolbaşçynyň goly we möhüri bilen tassyklanan bolmalydyr.

19. Döwlet kadastrynyň sahypalarynyň ýok edilmegine, şeýle hem olardan haýsy-da bolsa bir resminamalaryň aýrylmagyna ýol berilmeýär.

20. Döwlet kadastryny ýöretmek birmeňzeş hukuk güýjüne eýe bolan kagyz we elektron görnüşinde amala aşyrylýar.

21. Kagyz we elektron görnüşindäki maglumatlar gabat gelmedik mahalynda, kagyz görnüşindäki maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

22. Döwlet kadastry “Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunda bellenen kadalara laýyklykda saklanylýar.

23. Döwlet kadastryna girizilýän maglumatlar arassa, anyk we yzygiderli ýazmak ýörelgesi boýunça ýöredilýär. Döwlet kadastryndaky ýazgylaryň galam bilen ýazylmagyna ýol berilmeýär.

## V bap. Jemleýji düzgünler

24. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilişine ygtyýarly edara gözegçilik edýär.

25. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

26. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.